# Iýjek däl, iýjek däl!

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iýjek däl, iýjek däl! IÝJEK DÄL, IÝJEK DÄL!



Soýuz döwründe, gaçgagrak diýmeseñ, gurbanlyk edilerdi. Ýöne aýat-töwir, dileg etmäge din ugurdan sowatly, namazly, täretli, arymsy adamlar podpolýedediler, gizlinlikdedi.
Goñşy obamyzda elipbiýden şermende, binamazyñ biri aýat-töwir edip başlady. Nätjek-dä, garaz, biri «Allahy ekber» diýmeli-dä. Bir sapar gurbanlykda ýañky ýasama mollasumak erbet aşa düşdi-dä. Milletem oñ üstünden gülýändir. «Aýat-töwir edip ber» diýýänleriñem yzy üzülenok.
Ahyry ýañky mollasumak ogluna:

– Oglum, men mellegiñ aýagujunda ýatjakdyryn, halys ýaramok. Gelenlere «Kakam ýok» diýip aýdaý diýip tabşyrypdyr. Bir salymdan ogly:

– Kaka, kaka, eşegimiz boşandy – diýip gygyrýar. Kakasy çala eşidip, dograma çagyrylýandyr öýdüp:

– Iýjek däl, iýjek däl! – diýip jogap berýär!

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar